# Näbelli duralga

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Näbelli duralga NÄBELLI DURALGA

*«Göýä dirilik ýok olaň gözünde*
*Çalajan meýitler, dilinde hudaý*
*Çykdy garşymyzdan bir topar gedaý…»*
*Gara SEÝITLI.*

Eziz halkym
önjeýli öndürjekdi
Penjesinden gül pürküp
Gollarynda sungat  güllejekdi…
Arman indi!
Bogazynda doňýar talap
Omzuny uzadýar zir-zibillere
Çalajan meýitler oňşuga  tarap…

Bu ýer näbelli bir duralga
Gyzyl çyzygyň aňrysy
Aşa külpet güzeri
Bidüzgünlik manzary
Ýol belgiler
Tegelek, atanakdyr
Çar tarap seresaplyk!
Geçelge ýok!
Belgi ýok!
Girmek gadagandyr.

Eziz halkym
Watana eýe çykjakdyň
Öndürjekdiň, ýasajakdyň
Dolandyrjakdyň!
Eýe çykdylar!
Ýalan ýasadylar!
Çet ýurduň önümini satdylar!

Namysyňy çapdylar
Dolandyrmadylar!
Döndüler
Dolandylar!
Salgym boldy!
Puja çykdy durmuşyň,
Kem-kemden kemeldi azygyň, supraň
Awa bulandy aşyň.

Ne öňe gitýäris
Ne de bir yza
Bu ýer näbelli bir duralga
Ne maşyn geljekmiş
Ne-de awtobus
Ne otly geçjekmiş
…Uçar uçjakmyş!
Diňe bogazlarda bogulýar talap
Göz dikilýär  näbelli bir güzere
Tarp ýerlere
Seredilýär  bi… tarap!

Gafur HOJA. Goşgular